# Durmuş senden haýyş edýän…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Durmuş senden haýyş edýän… DURMUŞ SENDEN HAÝYŞ EDÝÄN…

Durmuş senden haýyş edýän
Gynama sen meni beýdip.
Entek senem terk ederin
Soňam hiç gelmerin gaýdyp.

Durmuş senden haýyş edýän,
Seniň munyň- a bolanok.
Indi seniňem gaşyňda
Okap durmaýyn monolog.

Durmuş senden haýyş edýän,
Seň arkadan kesek atýaň
Düzedip bolmaz deýýusa,
Näme meni ýoldaş edýäň.

Gowy görüp söýen ýarym
Gör kimiň gujagna saldyň.
Içim ýakyp tamdyr ýaly,
Meni agladyp keýp aldyň.

Ýaňy oýnap-güljek wagtym
Atamdan aýyrdyň meni.
Menden aryň alar ýaly
Ýatyryp etdimmi seni.

Aglap-aglap şahyr boldum,
Hiç bitmedi içim senden.
Men-ä aýtjak gepim aýtdym,
Gowuz ýeriňe dykaý indi.

Ýagşylyga tamam ýokdur,
Ýaşaýan bolsady ekmän.
Indi maňa azar berme

Durmuş senden haýyş edýän!

31.05.2019,
Sankt-Peterburg.

Sylapberdi MUHAMOW. Goşgular